# Ähli ordenleri ýerleşer ýaly…

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ähli ordenleri ýerleşer ýaly… ÄHLI ORDENLERI ÝERLEŞER ÝALY…

Bir gezek Stalin M.Gorkini ýanyna çagyryp, şeýle diýipdir:
– Alekseý Maksimowiç, Siz ynha «Ene» diýip, ajaýyp eser döretdiňiz. Indi «Ata» diýibem bir roman ýazyp bilmezmisiňiz?
– Bilmedim-dä, Ýoldaş Stalin, oň üçin ylham gerek-dä. Ýöne synanyp görmek bolar.
– Şeýdiň onda, synanyp görüň. Synanmagyň kynlygy ýok ahyryn o diýen. Dogry aýdýan dälmi men, ýoldaş Beriýa…

* * *

L.I.Brežnew söwda ministrini çagyryp aýdýar:
– Ine, köne bolşewiklerden arza gowuşdy, olar soňky döwürde satuwa çykarylýan araklaryň agyzýapysynda açmaga amatly bolýan gulajygynyň ýoklugyndan nägile bolýarlar!..
– Barlap göreris, Leonid Iliç…
Soňra Brežnew aşhana geçip, holodilnikdäki çüýşä el ýetirýär, oniň agzyndaky gapagy towlap açyp, öz ýanyndan pikire batýar: «Päheý, gulajygyň nämä geregi bar bärde? Gojajyklar yrsaraýar-ow!..

* * *

– Bizde haçan pýançylygyň soňuna çykylarka?
– On ikinji bäşýyllykda.
– A näme üçin on birinji bäşýyllykda däl?
– On birinji bäşýyllykda azyk-owkadyň soňuna çykylar.

* * *

– Eşitdiňmi, Leonid Iliçi operasiýa edýärmişler-ä?
– Ýok, men-ä eşidemok. Nämäň operasiýasyka ol?
– Ähli ordenleri ýerleşer ýaly döşüni giňeldýärmişler.

* * *

Brežnew golastylarynyñ hal-ýagdaýyny bilmek isläp, ýönekeýräk geýnip, ol içine çykypdyr. Ol işbilli buterbrod symyşlap duran oglanjygy görüp:

– Hany, kakañ nirede? – diýip sorapdyr.

– Täze maşynymyzy münüp, işe gitdi.

– A ejeñ hany onda?

– Köne maşynymyzy münüp, bazara gitdi.

– Öýüñizde kim bar onda?

– Enem bar, reñkli telewizor görýär ol.

– Ine, gördüñmi, bu zatlaryñ hemmesi meñ arkamdan bolandyr, oglanjyk!

– Ene!!! Amerikadan Izýa daýym geldi!

@ Russiýanyñ «КРОКОДИЛ» žurnalyndan terjime. Degişmeler